# Adamsyny sylaýan aýal

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Adamsyny sylaýan aýal Halkyñ hazynasyndan



▶ ADAMSYNY SYLAÝAN AÝAL

Bir kempir düşnüksiz derde sataşan agtygygny telim tebibe

görkezse-de peýda tapmandyr. Onsoñ ol metjitdäki piriñ ýanyna baryp, ýagdaýy mälim edipdir-de:
– Ýata suw ýaly, çagajygymyñ depigi gaýra bolup gidip otyr. Şuña nä döw çalanyny bilip berseñiz-le! – diýipdir.
Okumyş, halatly adam özüñ belli. Pir biraz paýhaslanyp oturypdyr-da:
– Näme diýseñiz-le! Gelniñiz adamsy bilen ýakynlyk kylandan soñ, inini päklemän çagany emdiripdir. Haram süýt emen çaga al-arwah örji bolýar. Olar çagany öz taraplaryna geçirjek bolup, gününe goýanoklar – diýipdir.
Kempir haýykmak bilen içini çekip, ýakasyna tüýküripdir-de:
– Häý, mysalasy gurmuş diýsäni. O zatlar barada neb olara tabşyrma kemini-hä goýmandym – diýip, ol ogludyr gelnine käýinipdir. Soñra bolsa piriñ ýüzüne soragly garapdyr. – Çagajygymyñ derdin-ä bildiñiz, onuñ dermanynam salgy bereweriñ!
– Oña adamsyny sylaýan halalhon gelniñ süýdüni içirmeli.
– Wah, men beýle gelni nähili tapyp bilerkäm?!
– Gelniñ halalhonlygy adamsyna, ene süýdüne goýýan sarpasy bileb belli bolar. Oba aýlanyberiń, ahyry üstünden bararsyñyz.
Ana, onsoñ ýañky kempir oba aýlanyp, emzikli gelinlerden dermanlyk süýt sorap ugrapdyr. Ilki baran öýündäki gelin kempiriñ haýyşyny eşiden badyna, süýdüni sagyp bermekçi bolupdyr. Gelniñ «Suw meýilli gurbaga, bir dürtseñ iki böker» edip oturyşyny halamadyk kempir «Tabagymy getireýin» diýen bahana bilen öýden çykypdyr. Soñam baran telim öýünde hem gelinler ene süýdüne arzan nyrh kesipdirler. Onsoñ kempir olardanam süýt alman gaýdypdyr.
Hatar-hatar syryp ýören kempir obanyñ çetindäki bir öýe barybam, emzikli gelinden süýt sorapdyr. Şonda ol gelin kempire:
– Siz biraz tagapyl ediñ. Men adamymdan sorap geleýin. Eger ol razy bolsa beräýerin – diýipdir.
Gelniñ jogaby mañzyna batan kempir «Ahyry üstünden bardym-ow» diýip pyşyrdapdyr-da, aşak oturyberipdir. Gelin mellekde işläp ýören adamsyndan razylyk alyp gelenden soñ, ilki sallançakda ýatan çagasyny oýaryp emdiripdir. Soñra baa kempire dermanlyk

süýt sagyp beripdir.
Şol süýdi içirenden soñ, kempiriñ agtygy elinden çekilen ýaly bolup, dertden saplanyp ötägidipdir.

Bazar ÖWEZOW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Halk döredijiligi we rowaýatlar